Medeni miras, halkyň taryhyň dowamynda döreden baýlygy we onuň aň-bilim, sungat, hem-de däp-dessurlary bilen baglanyşykly gymmatlyklarydyr. Bu miras, diňe bir geçen döwürleri ýatlamak üçin däl, eýsem, nesilleriň arasynda ruhy köpri döretmek we milli duýgyny ösdürmek üçin hem möhüm ähmiýete eýedir.

Ilkinji nobatda, medeni miras geçmişimizi öwrenmekde we bilmekde möhüm orun oýnaýar. Bu taryhy ýerler, muzeýlerde saklanýan gymmatly zatlar, halk döredijiligi, dilimiz we edebiýatymyz arkaly nesillerden-nesillere geçirilýär. Ol bize kimdigimizi, nähili köklerimiz we gymmatlyklar bilen baglanyşyklydygymyzy görkezýär.

Her bir halkyň medeni mirasy özboluşlydyr we dünýä medeniýetiniň baýlygynyň bir bölegidir. Taryhy binalar, keramatly ýerler, millilik öwüsýän sungat eserleri we aýdym-sazlar, bu mirasyň aýrylmaz bölegi bolup, onuň ähmiýetini subut edýär. Şeýle gymmatlyklar diňe bir ýurduň däl, eýsem, ähli adamzat medeniýetiniň baýlygynyň bir bölegi hökmünde baha berilýär.

Medeni mirasymyzy gorap saklamak we ony geljek nesillere ýetirmek her bir adamyň we jemgyýetiň borjy bolup durýar. Bu borç, diňe bir taryhy ýadygärlikleri we gymmatlyklary goramak bilen çäklenmän, eýsem, milli dili, däp-dessurlary we halk döredijiligini wagyz etmekden hem ybaratdyr. Medeni mirasa düşünmek, ony wagyz etmek we goramak milli şahsyýeti ösdürmekde möhüm çäreleriň biridir.

Netijede, medeni miras diňe bir halkyň ruhy baýlygynyň çeper beýany bolman, eýsem, taryhyň, milli buýsanjyň we medeni ösüşiň nusgasydyr. Medeni mirasyň ähmiýetini bilmek we ony goramak, geljek nesiller üçin geçmişiň öwüt-ündewleriniň we öwrenişleriniň amanatlarydyr

**Merdan BABAÝEW**
**Kaka etrabynyň 4-nji orta mekdebiniň mugallymy**

Все права защищены